# Miras

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Miras

MIRAS

Köşgi-eýwan galdyrmandyr atalar
Bilýän, aralar daş uçup ýeterden.
Ojaklardan ojaklara duz geçip,
Ýeke gysym gum galypdyr pederden.

Şol gum barka türkmen ýurdun taşlamaz!
Oňa ýatdyr özgäň aýdymyn aýtmak!
Ýagy dökülende, orta ýollardan ~
Namysdyr namartlap, yzyňa gaýtmak!

Razydyr gününden ili abatka!
Dünýäň mert oýnunda ~ sadranç diläpdir.
Ogullara bedew atyň bilini ~
Gyzlaryna bolsa, buýsanç diläpdir.

Horaşaja öýnüň beýik diregi,
Galan aşy iýip, tabak ýalaman,
(Nädip ruhuna sygynman bolar!)
Ganymyň öňünde guýruk bulaman ~

Mert ýaşapdyr. Şondan uly miras ýok!
Katra-katra geçiripdir damara.
Agyň tutsa seredeňde yzyňa,
Ot bolmasa tutaşara, ýanara ~

Kemsinerdim, çola ýerde aglardym…
Ot ýaly damjalar ýakamy ezip.
Ata-babalarym ~ köne tümmekler,
Arka diräp, solan däldir gül ýüzüm!

Bir dilegim: ilden çykarma, Taňrym,

Kuwwat ber, ýagşy söz göwne seýikdir.
Dogrulygy,
halallygy,
ygrary ~
Miras goýan ata-babam beýikdir!

Beýikdir dostuny gaýmak saýýanlar!
Owazasy giden dessana ýeter.
Türkmen, seniñ ajap ýüregiñ mähri
Özüñ ýaly ýagşy ynsana ýeter.

Nesip etsin: şol kerwene daklyşyp,
Öz ýükümi menzil aşyryp gitmek.
Nesip etsin: dosty dogana öwrüp ~
Ýüregmiñ ýylysyn gowşuryp gitmek!

Baýram JÜTDIÝEW.

Goşgular